Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň oba hojalygynyň täze ykdysady gatnaşyklara geçirilýän döwri gowaçanyň sortlaryna bildirilýän talaplar ýokarydyr. Türkmenistanyň pagtaçylyk pudagy dünýä derejesine gabat gelýän süýümi bolan, ýokary hasylly, ir ýetişýän sortlar bilen üpjün edilmelidir.

Gowaçanyň ähli görnüşleri Gossypium urugynyň mamamçörekler maşgalasyna degişlidir. Gowaça ýer şarynyň tropiki guşaklygyndan gelip çykandyr. Onuň gelip çykan ýerinde ýylyň dowamynda howanyň iň salkyn wagty 18 ýylylyk derejesinden aşak düşmeýär. Gowaça köpýyllyk agaç, agaçjymak, gyrymsy we otjumak ýagdaýda duş gelýän ösümliklere degişli bolup, ol özüniň dogduk mekanynda ýabany görnüşindede ösýär, agajynyň beýikligi 67 metre, kähalatda 1012 metre ýetýär.

Birnäçe alymlar çaklamalaryny gowaçanyň 100 million ýyl mundan öň ýüze çykandygy barada ýazyp beýan edýärler, ýagny onuň dörän wagtyny hek döwrüniň ikinji bölegine girizýärler. Gowaçany bir ýurtdan başga bir ýurda ýaýratmakda, tropiki guşaklykdan (onuň gelip çykan ýerinden) günorta aram howa şertlerine hemde tropiki guşaklygyň düzlüklerinden dag bölegine geçirmekde adamlar uly işjeňlik görkezýärler.

Gowaça ösümligi kök ulgamyndan, esasy baldakdan, şahalardan, ýaprakdan, gunçalardan, güllerden, gozalardan we pagta hasylyndan durýarlar. Kök, baldak, ýaprak we şahalar ösümligiň ösüş synalaryna degişlidir. Gunçalar, güller, gozalar jyns synalary ýada köpelýän synalary diýlip atlandyrylýar. Gowaçanyň ýapraklarynyň, şahalarynyň köplügiazlygynyň, ýaýraňlygynyň, ykjamlygynyň hem ähmiýeti uludyr. Gowaçanyň şahalarynyň ýaýraň bolmagy hatarara bejergi işlerini kynlaşdyrýar. Gowaçanyň düýbi ykjam bolanda pagta hasylyny el güýji, maşynlar bilen ýygmak amatly bolýar.

**Züleýha ALLABERENOWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024